# Gündelikde galanlar -8/ dowamy

Category: Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelikde galanlar -8/ dowamy 7.06.2001.

Telewideniýede "Ylham" gepleşiginde meni ýazgy etdiler. Ýarym sagatlyk gepleşikden 5 minutlyk goýberip, soňuny kesdiler. "Teleradionyň başlygy K.Aşyrow bilen K.Ballyýewiň görkezmesi" diýdiler.
Gaty gelşiksiz boldy.

9.06.2001.

Şu gün agşamara Nazar Aýnazar, Mele Badaýew, men – üç bolup dramaturg Taňryberdi Hojakgaýewiň öýüne, ony soramaga bardyk. Ýaşulyň iki gözem görenok, batyl. Gaty gynandym. Nazar ikisi könäni ýatladylar. Taňryberdi aga Aşgabat telestudiýasynyň ilkinji direktory bolan adam. Ilknji diktory Ogulnabat Annaýewa.
Ilkinji baş režissýory Meret Atahan. Öň ol teatrda baş režissýor eken. Ony telestudiýa işe almak üçin Taňryberdi aga medeniýet ministri Akmyrat Oraza hat bilen barýar. Ministr "Jaň etseňem ony bererdim" diýip degşip aýdýar. Soň Meret aga iş bolýar. Hojakgaýewe gulak asman, «Telestudiýada men başlyk" diýip aýdýar. Bolar ýaly däl. Soň onuň gözüniň oduny almak üçin partiýa ýygnagyna salýarlar. Edil şo wagtlaram Meret aganyň partiýa dikeldilen wagty eken. "Agalar, men ýalňyşypdyryn" diýip, zordan sypýar. Käýinç berýärler. Telestudiýa gurnalanda onuň öz jaýy ýok. Taňryberdi aga ilki radioda Aşyr Nazar, Anna Paýtyk bilen oturýar. Telestudiýa üçin işgär kabul edilýär. Soň ol işgärler dik durup, oturmaga ýer tapylmaýar. Soň Gosplanyň ikinji gatyndan kabinet berýärler. Medeniýet ministrligi hem şo ýerde eken. Gepleşik şo ýerde – TTS-de taýýarlanyp, howa bilen telewyşka berilýär

eken. Soň olar “Bilim” jemgyýetiniň jaýyna göçürilýär. Soň Karl Marks köçesindäki redaksiýalaryň jaýynda bolýarlar. Soň telestudiýaň jaýy ýetişip, göçüp barypdyrlar. “Bilim” jemgyýetiniň jaýyndaka Berdi Kerbabaýew, Alty Garlyýew dagy gatnap başladylar. Meret Atahan olaryň ssenarisi boýunça Magtymguly hakda telefilm surata düşürmekçi. “Bular näme ýygnak geçirýärkeler diýip barsam, Meret Atahan “Siziň ssenariňiz bolanok Gawno. Meniň ssenarim boýunça surata düşüreris” diýip, aýak depip dur. Berdi aga şonda bir tymsal aýtdy. Bir ýaşulyň düýesi bar eken. Düýe ol adama wepaly gulluk edipdir. Garrap, ölümi golaý gelende, ol adam: “Menden razy bol. Näme närazylygyň bolsa-da aýt” diýipdir. Düýe “Men senden razy. Ýöne pylan wagt pylan ýerde meni eşegiň guýrugyna daňdyň” diýipdir. Meret aga: “Sen indi meni eşege deňeýäňmi?” diýdi. Berdi aga: “Eşege-hä deňämok. Ýöne biz saňa öz ssenarimizi özümiziňkidigini saňa subut edip bilemzok. Şu işe baş goşanymyza gaty utanýas” diýip jogap berdi. “
1965–1975-nji ýyllar aralygynda Taňryberdi agany kinostudiýaň direktorlygyna belleýärler. “Meni bellemäň” diýip, ol Ýazguly Hudaýberdiden (sekretar SK) gaty haýyş edipdir. “Tä Balyş Öweziň kabinetine çenli ýalbardym” diýýär. Balyş Öwezem: “Sen partiýanyň esgeri. Gidersiň” diýýär.
Bir gezek kinostudiýaň howlusynda tuduň aşagynda Alty Garly Suhan atly ýaş ýigide, geçip barýan kinooperator Mark Meýi görkezip: “Sen şuny suwa gark etseň, 1000 manat bereýin” diýdi. Suhanam: “Gaty arzan. Mark Meý Alty Garlyny suwa gark etseň, 2000 manat bereýin” diýdi.
Bir gezek prosmotr wagty Meret meniň gapdalymda otyrdy. Gylyç Berdi geldi. “Gylyç, nähili ýagdaýlar?” diýip soradym. Gylyç Berdi: “Aý, ölmän-ä ýörüs” diýdi. Meredem: “ очень жаль” diýip, eşitdirip aýtdy.
Ogulnabat Annaýewa (käri boýunça agronom) diktor – “kolhozyň zootehnigi” diýip okamaly ýerini ” kolhozyň 300 tehnigi” diýip okady.
Bir gezek Garaja Burunyň ssenarisini ara alyp maslahatlaşylanda Meret bir bellik etdi. Garaja Burunam: “Wah, o zatlary etseň gowy boljakdygyny özümem bilýän. Ýöne şeýtseň,

“götüňe politiçeskiý …” diýdi. (Garaja Burun otuzynjy ýyllaryň başlarynda “Türkmen azatlygy” kontrewolýusion gurama gatnaşdyň” diýlip nähak týrmede oturan. Öň gözüniň ody alnan –A.Ç.)

12.06.2001.

Ajap ene ýogalypdyr. Baýjan giden ekeni.
Şu gün günortanlar Mele jaň etdi. Bilim ministrliginde Soltanmyrat Ataýewden Mämmetdurdy Annagurdowyň ýogalandygyny eşidipdir (şu gün jaýlajaklar).
Mämmetdurdy aga, jaýyň jennetden bolsun!
Men onuň bilen 70-nji ýyllaryň ahyrynda, megerem, 1979-njy ýyl bolsa gerek, tanşypdym. Men şo döwürde “Edebiýat we sungat” gazetiniň baş redaktorynyň orunbasary bolup işleýärdim. Bir gün redaksiýa meniň ýanyma geldi. Geçen döwürden köp gürrüňler berdi. Ýatkeşligine haýran galdym. Soň-soňlaram redaksiýa meniň ýanyma gelip, gyzykly gürrüňler beripdi. Şol gürrüňçiliklerde “Aýgytly ädimiň”, “Ykbalyň” çap bolup çykmagynda öz hyzmatynyň hem bardygy hakda gürrüň berdi. Men şonda “Mämmetdurdy aga, bu siziň gürrüňiňiz taryh. Maňa gürrüň bereniňiz gowy, muny taryhda galar ýaly, kagyza geçirseňiz bolmaýarmy?” diýdim. Ol muňa bir aýgytly jogap bermedi.
Soň men telewideniýe işe geçdim. Aradan birtopar wagt geçdi. Men kimdir birinden Mämmetdurdy aganyň uly ýatlama kitap ýazandygyny eşitdim. Golýazmasyny okadym. Şonda ýaňky ady agzalan kitaplaryň çap edilişi hakdaky bölümler hem bar ekeni. Kitap bolup çyksa, onuň taryh üçin uly ähmiýeti bar.

24.03.2003.

Türkmen edebiýatçysy Sary Gökleň hakda gyzy Enäniň aýdanlaryndan:
– Kakam birnäçe adam bolup, 40-njy ýyllarda Eýrandan syýasy gaçybatalga gözläp, SSSR-e gelýärler. Biri kakam, Yslamy, Ensary, Baýrammämmet, Aşyrpur Meredow, Rahman Rejebow dagylar.
Kakam bizi, öz çagalaryny şeýle gowy görýärdi. 8-nji klasda okap ýördüm. Klasdaş gyzlarymyzyň köpüsi gonjy beýik köwüş

geýdi. Menem höwes etdim. Ejeme aýtsam-a boýun towlajak, käýejek. Kakama aýtdym. “Bolar gyzym” diýip, meni yzyna salyp, öz işleýän Edebiýat institutyna geldi. Köwşüň bahasy şo döwrüň puly bilen 29 manatdy. Az pul däl. Kakam instituta girip-çykyp, köwüş dükanyna ýöneldi. Işdeş ýoldaşyndan karzyna pul aldy.

Dükanda meniň göwün beslän gyzyl tüflim ýokdy, gara reňklisi bar. Kakam orsçany şeýle bir gowy bilenokdy. Ol dükançy gyza orusça özelenip ýalbarşy şu günki ýaly göz öňümde. Ahyry ol “Gyzym, gara reňklisi bolar-a!” diýip, meniň ýüzüme äňetdi. “Bolýa” diýip baş atdym. Men täze köwşüme gaty begenýärdim. Kakam bolsa mendenem gaty begenýärdi.
Öýe geldik. Ejem işden gelende, men ylgap onuň öňünden çykyp, köwşümi görkezdim. “Puly nireden aldyňyz?” diýip sorady. “Kakam alyp berdi”.
Kakam hiç zat eşitmeýän ýaly öýde kitap okap otyrdy. Ejem öýde onça puluň ýokdugyny bilýärdi. Heniz aýlyga-da wagt bardy. Şeýle bolanda ejem bilen kakam hiç wagt çagalarynyň ýanynda sögüşmeýärdiler. Başga otagda düşünişýärdiler. Kakam ejeme aňsat gaýtargy bermeýärdi. Ony sylaýardy. Sesini çykarman diňlär oturar. Ylalaşmaýan ýerinde: “Şunyň-a ýalňyş, keýwany” diýerdi.
Bir gezek uly gyz doganym Hajar ýaramady. “Doktor kolbasasyny iýesim gelýär” diýdi. Gije. Ýaşaýan ýerimiz bolan Köşüden pyýada orus bazaryna gelip, iki ýüz gram kolbasa getirdi. Gije sagat birlerde Hajar kolbasadan birje gezek dişledi.
Bir gezegem kakam komandirowka gidip, myhman ýeriniň gyzjagazynyň köýneginiň ýama-ýamadygyny görüpdir. Şo günem gaýtmaly eken. Ýanynda-da 80 manat bar eken. Şu pula gyza köýneklik alyp beripdir. Öýümizde-de pul ýok. Ejem muny eşidip, uly goh etdi.
Arzanrak bahadan köýneklik alyp berse-de bolýar ahyryn.
Kakam şonuň ýaly ýuka ýürekdi.

25.03.2003 ý.

Aýyň başyndan bäri Weteranlar guramasynda işe başladym.

“Ýarawsyz men” diýsemem, guramanyň başlygy, uruş weterany, ussat terjimeçi Oraz aga Nepesow: “Agyr iş ýok. Bile işläli” diýip duransoň, razylyk berdim.

***

Arada “Şermende aýallardan nädip dynyp bolarka?” diýen soragy orta atdylar. Pürli aga diýen ýaşuly: “Men bilýän” diýdi. “Nädip?” diýip gyzyklandylar.
– Aňsatja. Üstüňe gygyryp başlasa, sesiňi çykarman oturmaly. Şonda ýeňersiň – diýdi.

Aga Garaja:

– Agany nan saklar, pylanyny Hudaý“ diýip, degişýärler.
Bir aýal jorasyna gürrüň berýär:
“Düýn ärim bilen bile oýnaşym geldi”.

28.03.2003

Oraz aganyň gürrüňinden:

– Inim Mämmet Aşgabadyň etegindäki kolhozda başlygyň orunbasary bolup işledi. Şo kolhozda ýaşaýan bir ogry tutulanda başlyk gowy häsiýetnama berenligi üçin meň inimi aýyplady. Soň görüp otursak, şo häsiýetnama başlygyň özi gol çeken eken.

29.03.2003

Düýn Änewe barýarkak, guramanyň jogapkär sekretary, uruş weterany Aşyr aga şeýle diýdi:
– Kör garry agamyz bar. Hemişe radio diňleýär. Bir gezek ol: “Atmaly diýseler, birinji bolup Kakamyrat Ballyýewi atardym” diýdi. Ýogsam ol onuň ömründe gören adamy däl.

30.03.2003

90-njy ýyllaryň başlarynda – 92-93-em bolaýmagy mümkin, men “Syýasy söhbetdeş” gazetinde işleýärkäm, “Türkmenistan”

gazetinde ýadyma düşenok, nobatdaky taryhy-publisistik oçerklerimiň biri çap edildi. Şo gazetiň önümçilik ýygnagynda (çitka) gazetiň öňki redaktory şindi pensiýa çykyp, ýönekeý işgär bolup işleýän Begenç aga Kerimi meniň makalama syn beripdir: dyngy belgiler, stil we ş.m. pers-ala etdi diýdiler. Men Begenç agany görsemem, hiç zat eşitmedik ýaly öňki gadyrlylygym bilen salamlaşýardym. Şondan kän wagt geçmänkä, Begenç aga kiçijik bolan waka – hekaýa getirdi. Baş redaktoryň orunbasarydym. Gowşagragam bolsa gol çekdim. Näme üçindigini-hä bilemok, şonda Begenç aga: "Allaýar, sen zor adam-ow!" diýdi.

Bir gezek onuň inisi, meniň hormatlap ýören adamym, zehinli fotožurnalist Toýly Kerimi ýanyma geldi. "Begenç iberdi. Allaýaryň habary bardyr" diýdi. Habarymyň ýokdugyny aýtsam, ol öz kakasy Şamsetdin Kerimi hakda (37-nji ýylda tutulan, dramaturg, ýazyjy we terjimeçi) meniň ýazmagymy isleýändigini aýtdy.

Material toplap, "Türkmenistan" gazetinde taryhy oçerk bilen çykyş etdim. Toýly aga minnetdarlyk bildirip, öz arhiwi üçin meniň suratymy düşürdi.. Surat erbedem däl. Şo makala meniň şahsyýet kultunyň basha-baslyklary hakda soňky makalam eken: 1994-nji ýylyň 23-nji iýunynda keselhana düşdüm. Geň galmaly ýeri, meniň ady dakylanym Allaýar hem "Hatyra" kitabyny görsem, 1944-nji ýylyň 25-nji iýunynda wepat bolan ekeni.

Aratapawudy göni 50 ýyl, iki gün.

Keselhanada ýatyrkam, redaktor oglanlaryň biri soramaga geldi. Şonda düýn metbugat gullugynyň sekretary Kakamyrat Ballyýew redaktorlara: "Allaýar Çüriýewiň Şaja Batyr hakdaky makalalary ýaly makalalaryny çap etmäň" diýip aýdandygyny habar berdi. Ýogsam, o makala bir sahypa bolup "Edebiýat we sungatda" çap edilipdi. Gowy görüldi. Näme üçin aýdandygy düşnükli!

Bu gürrüňleri näme üçin edýän. Ýaňy Begenç aganyň şo hereketi ýadyma düşdi-de, ýazaýaýyn diýdim. Begenç aganyň başdaky hereketinde göripligiň hem bolmagy ahmal. Kemsiz gözel ýok, ýöne tankydyň hem äheňi ýagşy gerek.

30.03.2003

Ine, indi on günden bäri amerikan hökümeti (baştutany Jorj Buş) Yrak ýurduny bombalaýar. Bütin dünýäde muny näletläp çykyp edýärler. Bir adamy (Saddam Hüseýin) ýurt başyndan aýyrjak bolup, uly bir döwletiň gandöküşikli urşa baş goşmagy ganhorlukdan başga zat däldir.
Ýönekeý halk gyrylýar.

31.03.2003

Edara geldim. Gapynyň öňünde maşyny goýgum. Nury Halmämmediň garyndaşydyryn diýip özüni tanadýan bir adam iki sany zenan maşgala bilen dur.
Salam berdim, ol menden “Godalak” diýen sözüniň näme aňladýandygyny sorady. Garpyz bilen baglanyşyklymyka? – diýdi. Men säginmän “Men bolaýmasam” diýdim-de, kabinete girip gitdim. Aýallar hezil edip gülüşdiler. 2-3 minutdan çyksam, olaryň şol gülüp duruşlary.
Baý, hezil etdiler. Öýe gelip, sözlüge seretsem (1962 ý. çykan), o söz ýok eken.

1.04.2003

Uruş weterany Sapar aga Begliýewiň gürrüňinden:

– Mylly aganyň gyzyny inime alyp berdim. Mylly aganyň aýaly ýogalansoň, öýlenmegiň ugruna çykdy. “Pejiň o tarapynda ol otursa, bu tarapynda-da men. Aýaklarymyzy pejiň aşagyna sokup otursak, irdenem namaz üçin ýyly suwly kündügi uzadyp dursa, şonuň özi dünýä malyna degýär” diýdi. Syrderýa tarapda onuň garyndaşlary bar eken. Ak saçly, bir dul aýaly getirdim. Birküç ýyl ýaşaşdy.
Mylly aga ölmezinden öň “Ol haly diýse haly, pul diýse pul… beriň” diýdi. Pahyr hiç zat almady. Syrderýa yzyna gaýtdy.

3.04.2003

Birki günlükde “Magtymguly” daýhan birleşiginden (Änew) Rejep aga atly uruş weteranyny (1924 ý. doglan) çagyryp, Ahal welaýat uruş weteranlar guramasyna “Başlyk bol” diýlende,

“Ýok, meni başlyk etmäň. Ertesi ýazarlar. Dört oglum bar, dördüsem geroinşik” – diýipdir.
Düýn maşynda näsazlyk döräp, ussa bardym.
Bir ýaşuly oňa: “Gel, uly firmam bar. Firmada oturyp, telefona jogap berseň bolýar. Ýedi oglum bar, ýedisem neşekeş. Oguldan gönenmedim” diýdi diýýär. Körpe ogly bolsa pil bilen ýeňsesinden urup, ony ýaralapdyr.

Oraz aganyň gürrüňinden:

– Orusdan aýal alsaň, yzyň ýitmek bilen bolýan ekeni. Agamyň ogly orsa öýlendi. “Ýör gideli” diýip, öýüne myhman äkitse, aýaly “Näme üçin agaňy getirjegiňi öňünden aýtmadyň” diýip dur. Oňa erber aýal diýip biljek däl. Ine, türkmen bilen orsuň häsiýetiniň deň gelmeýän ýeri. Gökdepeli biri daşhowuzly gyza öýlendi. Ikisem türkmen ýaly welin, şonda-da häsiýetler deň gelenok diýýär.

Sapar Begliýewiň gürrüňinden:

– Ellinji ýyllarda Aşgabat raýkom romsomolynyň birinji sekretary, soň Aşgabat oblast bedenterbiýe we sport komitetiniň başlygy, “Spartak” jemgyýetiniň başlygy… bolup işledim.
Türkmenistan SSR-niň sport we bedenterbiýe komitetiniň başlygy edip Swiridowy getirdiler. Soň Iwanow diýip birini getirdiler. Olar türkmen oglanlarynyň gatnaşmaly ýaryşlaryna kolhozda işleýär diýip sprawka düzedýär-de, başga adamlary iberýär.
Bir gezek Orsyýede tutuşlygyna türkmenlerden düzülen komandany äkitdim. Birinji ýeri eýeledik. O ýerde gaty gowy garşyladylar.

Men Iwanowyň eden işini bilip, Orsyýetde ýaryş geçýän ýere telegramma iberdim. Olaram komandany ýaryşa goýbermediler.
Bir gezegem SK-da uly ýygnak boldy. Sport meselesi bilen baglanyşykly bolmagam mümkin. Söz alyp, çykyş etdim. Iwanowyň edýän tarapgöýlügi hakda açyk aýtdym. Şonda SK-nyň birinji sekretary Jumadurdy Garaýew el çarpdy. Prezidiumda Iwanowyň

howandary Grişaýenkow hem otyrdy. Şondan soň meni galp maglumat bilen türmä saldylar. Bir ýyl alty aý ýatdym. Moskwadan adwokat gelip, meniň işim bilen gyzyklandy. Men türmeden çykdym. Ýöne 1 ýyl alty aý nähak ýatdym.
Iwanow Orsyýede gitdi. Onuň çagyryp getiren Şmidt diýen bir başlygam gaçyp gitdi. Ol Orsýetde sygyr çopany eken. Meniň ýüzüme duran buhgalter aýalam Iwanowyň Orsyýetden getiren aýalydy.

Agamyradyň gürrüňinden (guramanyň buhgalteri):

Men uçilişede Magtymguly Garlynyň goňşusy bilen okadym. Ol bagşy hakda köp gürrüň beripdi. Garagalpaga diýip bir aýlap gidýän eken, yzynda galan aýaly, çagalary pullary gutarsa, karz edýän ekenler. Bagşy horjuny doly pully gelýän eken. Gelensoň, obany ýygnap, şol pul sowulýança şady-horramlyk edýän ekenler. Zady obasy bilen ortalyk.
Iň soňky gezek Kakada galan ogullarynyň biriniň toýunda aýdym aýdyp, obasyna gelipdir. Şondan birküç gün geçensoňam ýogalypdyr.
Gaty wäşi adam bolupdyr. Aşgabada gelende, bagşylar tegelenişip gürleşip otyrkalar Sahy, Mylly aga bilen ilki görüşip, Kiçi Geldimyrada, Giçgeldi Amana ýeňiniň ujuny uzadýan eken. Ýatlamalar